# Şeýledigi göz-görtele / hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şeýledigi göz-görtele / hekaýa ŞEÝLEDIGI GÖZ-GÖRTELE

Sagada nazar oklan Genri Blojet kellesini tutdy.
Eýýäm gije sagat iki!
Ol gahar bilen okuw kitabyny ýapdy – barybir ol ertire çenli näme edende-de ýetişmez. Ol geometriýany näçe köp ürç etdigiçe, şonça-da az düşünýär. Hatda matematika oňa kynlyk bilen eýgerdýär, bu ýerde bolsa geometriýa! Ony hatda köre-kör ýat tutmagam mümkin däl ahyry.
Eger-de ol ertir ýykylsa, onda ony kollejden zyňyp goýbererler, sebäbi onsuzam onuň öňki möwsümler (semestrler) boýunça üç sany “guýrugy” bar. Ýene-de bir şowsuzlyk – ol öz-özünden kowlar.
Onsoň hemme zat tepbet: arzuwlar, wezipe ösüşi.
Bu mahal ony diňe jady halas edip biler.
Birdenkä ol başyny göterdi. Hatda oturgyjynda-da böküp gitdi.
A näme üçin ol özüne ýaşyryn güýçleri kömege çagyrmaly dälmişin?
Genri köpden bäri jadygöýlük bilen gyzyklanýardy. Hatda bu ugurdan kiçeňräk kitaphanajygam toplanypdy. Şol kitaplarda sada dil bilen nädip melgunlary çagyrmalydygyny we olary öz erkiňe tabyn etmelidigi düşündirilýärdi. Ýöne, häli-häzire çenli ol barlap görmäge milt etmeýärdi. Emma häzir welin, töwekgelçilik edeniňe degýärdi. Şundan-a erbet bolmaz. Barybir jadysyz oňa geometriýa per bermez.
Ol tekjä golaýlady-da, gara jadygöýlük boýunça iň düşnükli kitaby aldy. Gerekli sahypany açyp, ýöntemje gözükdirmäni gaýtalady.
Genri işe başlady: goş-golamlary diwara itdi, hek bilen ortarada deňtaraply bäşburçlugy (pentagramma) çyzdy, onuň içine girdi-de, degişli dogany okady.

Melgun peýda boldy. Ol Genriniň çaklaýşyndan has gorkunçdy. Blojet bolanja erkini jemläp, isleginiň mazmunyny beýan etmäge başlady:
-Şü geometriýa maňa hiç eýgertmän ýatyr…
-Şeýledigi göz-görtele!-diýip melgun, gümmürdedi. Onuň sesinde begençli dabara duýuldy. Soňra ol durşy bilen ýanar ot bolup, Genriniň deňtaraply bäşburçluga derek çyzan altyburçlugyndan geçdi…

©Frederik Wilýam Braun Mistika we fantastika